TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
— Häzirki döwürde Aşgabat dünýäniň durnukly ösýän şäherleriniň birine öwrüldi.

BAGTYÝARLYK DÖWRÜNIŇ NURY AŞGABAT

# Aşgabat

ESASLANDYRYJYSY – AŞGABAT ŞÄHERINIŇ HÄKIMLIGI

*№ 42 (10323) 2025-nji ýylyň 16-njy oktýabry, penşenbe.*



# TÄZE GALKYNYŞYŇ NURY

8-nji oktýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda döwlet durmuşyna degişli birnäçe meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa ýurdumyzyň kanunçylygyny mundan beýläk-de kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler barada maglumat berdi. Şeýle hem, milli parlamentiň ýolbaşçysy hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa «Türkmenistanyň at gazanan arhitektory» diýen hormatly ady dakmak hakynda Mejlisiň kararyny okady. Döwlet Baştutanymyz mejlise gatnaşyjylara ýüzlenip, «Türkmenistanyň at gazanan arhitektory» diýen hormatly adyň dakylmagyny uly sylag hökmünde kabul edýändigini aýtdy. Arkadagly Gahryman Serdarymyz özüne bu sylagyň gowşurylmagynyň ata Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda mundan beýläk-de yhlas bilen tutanýerli işlemäge borçly edýändigini belledi we pursatdan peýdalanyp, berlen şeýle ýokary baha üçin mähriban halkymyza tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirdi.

Mejlisiň dowamynda Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Seýidowa «Türkmenistanyň medeni diplomatiýasyny ösdürmegiň 2026 — 2052-nji ýyllar üçin Strategiýasyny tassyklamak hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararynyň taslamasy barada hasabat berdi. Nygtalyşy ýaly, Strategiýanyň esasy maksady ýurdumyzyň medeni diplomatiýasyny ösdürmekden, milli medeni mirasymyzyň, ata-babalarymyzdan gözbaş alýan ajaýyp däp-dessurlarymyzyň halkara derejede ykrar edilmegini, millilige ýugrulan, kämillige gönükdirilen ýol-ýörelgelerimiziň mynasyp wagyz edilmegini, döwletleriň arasynda uzak möhletleýin gatnaşyklaryň ýola goýulmagyny gazanmakdan ybaratdyr. Strategiýa halklary jebisleşdirmekde we dostlaşdyrmakda medeniýetiň täsirini artdyryp, medeni diplomatiýanyň ornuny pugtalandyrmakda uly ähmiýete eýe bolar. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli Kararyň taslamasyny hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, halkymyzyň milli medeni mirasynyň, gadymy däp-dessurlarymyzyň dünýä jemgyýetçiliginde uly gyzyklanma döredýändigini, bu gymmatlyklarymyzyň halkara derejede giňden ykrar edilýändigini belledi. Döwlet Baştutanymyz «Türkmenistanyň medeni diplomatiýasyny ösdürmegiň 2026 — 2052-nji ýyllar üçin Strategiýasyny tassyklamak hakynda» Karara gol çekdi we wise-premýere degişli tabşyryklary berdi.

**«Aşgabat».**



# MÖHÜM UGURLARDA HYZMATDAŞLYK

14-nji oktýabrda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow ýurdumyza sapar bilen gelen «Daewoo Engineering & Construction Co., Ltd.» koreý kompaniýasynyň müdiriýetiniň başlygy Jong Won-ju bilen duşuşdy.

Gahryman Arkadagymyz myhmany mähirli mübärekläp, Birleşen Milletler Guramasynyň ozalky Baş sekretary Pan Gi Muna, Koreýa Respublikasynyň Milli Assambleýasynyň ozalky Başlygy Kim Çžin Pýo, şeýle hem Koreý-türkmen parlamentara dostluk toparynyň ozalky ýolbaşçysy Li Dal Gona iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklary pugtalandyrmaga goşan goşantlary üçin minnetdarlyk bildirdi hem-de olara mähirli salamyny, iň gowy arzuwlaryny ýetirmegi haýyş etdi. Milli Liderimiziň belleýşi ýaly, Türkmenistan bilen Koreýa Respublikasynyň arasyndaky hyzmatdaşlyk uzak möhletleýin strategik häsiýete eýe bolup, özara hormat goýmaga we ynanyşmaga esaslanýar.

Işewür Türkmenistanda netijeli işlemäge döredilýän amatly şertler üçin Gahryman Arkadagymyza hem-de hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, ýolbaşçylyk edýän kompaniýasynyň öz üstüne alan şertnamalaýyn borçnamalaryny üstünlikli ýerine ýetirmäge mundan beýläk-de jogapkärçilikli çemeleşjekdigine ynandyrdy.

**«Aşgabat».**

# DOSTLUKLY GATNAŞYKLAR ROWAÇLANÝAR

13-nji oktýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ýurdumyza sapar bilen gelen Russiýa Federasiýasynyň Hökümetiniň Başlygynyň orunbasary Marat Husnullini kabul etdi.

Hormatly Prezidentimiz Russiýa Federasiýasynyň Hökümetiniň Başlygynyň orunbasaryny mähirli mübärekläp, Russiýanyň ýolbaşçylaryna salamyny we iň gowy arzuwlaryny beýan etdi hem-de myhmanyň şu gezekki saparynyň ýurtlarymyzyň arasyndaky yzygiderli hökümetara dialogy dowam etdirmekde möhüm ähmiýetini belledi. Duşuşygyň dowamynda bellenilişi ýaly, Türkmenistan Russiýa Federasiýasy bilen strategik hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga aýratyn ähmiýet berýär. Häzirki wagtda ýurtlarymyzyň arasynda dostluk, ynanyşmak we deňhukuklylyk ýörelgelerine esaslanýan gatnaşyklar ähli ugurlarda üstünlikli ösdürilýär. Ýurtlarymyzyň BMG-niň we GDA-nyň çäklerindäki hyzmatdaşlygy munuň aýdyň mysalydyr. Şunda «Merkezi Aziýa — Russiýa» formatyndaky hyzmatdaşlygyň ähmiýeti aýratyn nygtaldy.

***

Şol gün paýtagtymyzdaky Söwda-senagat edarasynda Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-rus toparynyň türkmen we rus tarapynyň ýolbaşçylarynyň duşuşygy hem-de Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-rus toparynyň 13-nji mejlisi geçirildi. Russiýa Federasiýasynyň Hökümetiniň Başlygynyň orunbasary M.Husnulliniň ýolbaşçylygynda Aşgabada sapar bilen gelen wekiliýetiň agzalarynyň türkmen tarapynyň wekilleri bilen duşuşygy iki ýurduň arasyndaky köpugurly hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmegiň maksat edinilýändigini görkezýär.

Netijeli ýagdaýda geçen mejlisiň jemleri boýunça birnäçe resminamalara — Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça türkmen-rus hökümetara toparynyň 13-nji mejlisiniň Teswirnamasyna, şeýle hem bilim ulgamynda, iki ýurduň haryt-çig mal biržalarynyň arasynda, oba hojalyk we atçylyk pudagynda, gümrük gulluklarynyň arasynda hyzmatdaşlyk etmek baradaky resminamalara gol çekildi.

**«Aşgabat».**

# Türkmenistanyň Mejlisiniň KARARY

### *Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Gurbangulyýewiç Berdimuhamedowa «Türkmenistanyň at gazanan arhitektory» diýen hormatly ady dakmak hakynda*

Çuňňur hormatlanylýan Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap ýurdumyzda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň baş-langyjy bilen hem-de hut özüniň ýolbaşçylygynda işlenip taýýarlanylan «Saglyk» Döwlet maksatnamasyny we bu ugurda kabul edilen milli maksatnamalary durmuşa geçirmek boýunça bimöçber işler alnyp barylýar.

«Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň kabul edilen wagtyndan bäri geçen döwürde ýurdumyzda jemgyýetiň we döwletiň ýokary gymmatlygy bolan adamyň saglygyny berkitmek, sagdyn durmuş ýörelgelerini ornaşdyrmak, keselleriň öňüni almak we bejermek, adamyň ömür dowamlylygyny uzaltmak, ilaty ýokary hilli lukmançylyk hyzmatlary bilen üpjün etmek, pudagyň maddy-enjamlaýyn binýadyny kämilleşdirmek boýunça geçirilen işleriň netijesinde, milli lukmançylygyň we dünýä tejribesiniň esasynda, saglygy goraýşyň we derman senagatynyň ylmy taýdan esaslandyrylan döwrebap ulgamy döredildi. Bu ugurda halkara hyzmatdaşlygy ösdürmekde dünýä bileleşigi, aýratyn-da, Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy tarapyndan ýkrar edilen nusgalyk işler amala aşyryldy. Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň serişdeleriniň hasabyna ilatyň, hususan-da, eneleriň we çagalaryň saglygy bilen bagly meselelere uly ähmiýet berilýär.

Ynsan saglygyny goramakda, keselleriň öňüni almakda durmuşa geçirilýän işler, gazanylan üstünlikler ençeme halkara güwänamalar bilen ykrar edildi. Ýurdumyzyň paýtagtynda, sebitde ilkinji «akylly» şäher bolan Arkadag şäherinde we welaýatlarda saglygy goraýşy halkara ölçeglere laýyklykda ösdürmek hem-de innowasion tehnologiýalara, öňdebaryjy lukmançylyk ylmyna we tejribesine esaslanýan kämil, binagärlik taýdan tapawutlanýan döwrebap, nusgalyk saglygy goraýyş we bejeriş edaralarynyň, sport desgalarynyň uly toplumy gurlup ulanmaga berildi. Şolaryň hatarynda Aşgabat şäherinde Halkara fiziologiýa ylmy-kliniki merkezini we Halkara sagaldyş-dikeldiş merkezini, Arkadag şäherinde Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş merkezini we köpugurly hassahanany, Balkan welaýatynda iki sany köpugurly hassahanany, Daşoguz welaýatynyň Daşoguz şäherinde köpugurly hassahanany we onkologiýa hassahanasyny hem-de başga-da köp sanly saglygy goraýyş edaralaryny görkezmek bolar. Arkadag şäherinde gurulýan lukmançylyk klasteriniň önümçilik toplumlary bolsa ýurdumyzyň saglygy goraýyş we derman senagaty ulgamyny täze derejelere çykarar.

Häzirki wagtda gurluşygy ýokary depginlerde dowam etdirilýän Aşgabatdaky Halkara pediatriýa, Halkara onkologiýa ylmy-kliniki merkezleri, Stomatologiýa merkezi, şeýle hem «Arçman» şypahanasyndaky täze goşmaça binalar toplumy milli saglygy goraýyş ulgamynyň maddy-enjamlaýyn binýadynyň üstüni ýetirer. Şeýle-de Aşgabat şäherinde köpugurly hassahananyň, Ahal welaýatynyň Tejen şäherinde etrabara köpugurly hassahananyň, Daşoguz welaýatynyň Daşoguz şäherinde Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş merkeziniň gurluşygyna badalga berilmegi ýurdumyzda adam we onuň saglygy hakyndaky aladanyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugry bolup durýandygynyň ýene-de bir subutnamasydyr.

Türkmenistanda gurulýan saglygy goraýyş edaralarynyň binagärlik babatda ýokary ölçeglere, milli äheňlere laýyk bolmagyny üpjün etmekde, şähergurluşyk işini ýokary derejelere ýetirmekde, saglygy goraýyş edaralarynyň binagärlik-gurluşyk taslamalary işlenip düzülende dünýäde gazanylan oňyn tejribeleri, innowasion tehnologiýalary, öňdebaryjy inženerçilik, binagärlik, bezeg işläp taýýarlamalaryny işjeň ulanmakda, taslama we binagärlik işleri boýunça ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamakda, ýaşlary bu işlere çekmekde, ylmy oý-pikiriň we tehniki ösüşiň gazananlaryny peýdalanmakda alyp barýan ägirt uly işlerini, şeýle hem saglygy goraýyş babatda jemgyýetiň we döwletiň öňünde bitiren aýratyn hyzmatlaryny göz öňünde tutup, halk wekillerinden, ýurdumyzyň iri jemgyýetçilik birleşiklerinden, zähmet toparlaryndan, raýatlarymyzdan gelip gowşan teklipleriň esasynda, Saglygy goraýyş we derman senagaty işgärleriniň güni mynasybetli, Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 81-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Mejlisi **karar edýär:**

Türkmenistanyň Prezidenti **Serdar Gurbangulyýewiç Berdimuhamedowa** «Türkmenistanyň at gazanan arhitektory» diýen hormatly ady dakmaly.

**Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygy D.GULMANOWA.**

Aşgabat şäheri,
2025-nji ýylyň 8-nji oktýabry.

Gurýan döwlet gurpludyr

# Döwrebap desgalar — döwrümiziň ýaraşygy



Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda belent sepgitleri ynamly nazarlaýan ýurdumyzyň ykdysady ösüşleri barha artýar. Yzygiderli gurulýan döwrebap zawodlardyr önümçilik kärhanalary ýerli senagatyň önümçilik kuwwatyny artdyrmakda ähmiýetli orny eýeleýär. Munuň özi ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek, dünýä bazaryna ýokary hilli, bäsdeşlige ukyply önümleri çykarmak ugrunda netijeli işleriň alnyp barylýandygynyň aýdyň subutnamasydyr.

«Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» şygary astynda geçýän şanly ýylymyzda hem ata Watanymyzyň ykdysady kuwwatyny mundan beýläk hem ýokarlandyrmaga niýetlenen birnäçe önümçilik kärhanalarynyň dabaraly ýagdaýda açylyp ulanylmaga berilýändigini aýratyn bellemek gerek. Anyk mysallara ýüzlensek, şu ýylyň mart aýynda hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda Ahal welaýatynyň Bäherden etrabynda keramiki önümler kärhanasy, paýtagtymyzyň demirgazygyndaky senagat toplumynyň çäginde ýerleşýän çüýşe önümlerini öndürýän önümhana dabaraly ýagdaýda ulanylyşa girizildi. Düýn hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda ýurdumyzyň Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäherindäki S.A.Nyýazow adyndaky himiýa zawodynda mineral dökünleri öndürýän toplumyň gurluşygynyň düýbüniň tutulmagy bolsa milli ykdysadyýetimiziň üstünlikli ösüşleriniň nobatdaky görkezijisine öwrüldi. Täze kärhananyň düýbüniň tutulmagy ýurdumyzda alnyp barylýan gurluşyk işleriniň has-da giň gerime eýe bolýandygynyň hem aýdyň beýanydyr. Mälim bolşy ýaly, häzirki wagtda ähli welaýatlarymyzda, Aşgabat we Arkadag şäherlerinde döwrebap binalardyr desgalaryň ençemesiniň gurluşygy batly depginlerde alnyp barylýar. Durmuşa geçirilýän şeýle buýsandyryjy işler Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýurdumyzy mundan beýläk hem ösdürmek, dünýäniň ykdysady taýdan kuwwatly döwletine öwürmek ugrunda edýän taýsyz tagallalaryndan, belent tutumlaryndan gözbaş alýar.



**Ýörite habarçymyz.**




# Ajaýyp diwanyň şuglasy

10-njy oktýabrda ýurdumyzda Saglygy goraýyş we derman senagaty işgärleriniň güni giňden bellenilip geçildi. Baýramçylyk mynasybetli Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň akademigi, lukmançylyk ylymlarynyň doktory, professor Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltli ylmy-ensiklopedik kitabynyň XVII jildiniň we «Saglygy goraýyşda ýetilen sepgitler» atly kitabynyň çapdan çykmagy diňe bir saglygy goraýyş ulgamynyň işgärleri däl, eýsem, ähli halkymyz üçin ajaýyp toý sowgady boldy.

Nobatdaky jilt Gahryman Arkadagymyzyň düýpli ylmy ensiklopediýasynyň üstüni ýetirýän gymmatly eser bolmak bilen, Diýarymyzyň ösümlik dünýäsiniň keselleri bejermekdäki gymmatly tebigy gorlary boýunça maglumatlary okyjylara ýetirýär. «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly kitabyň XVII jildi, «Dermanlyk ösümlikleriň häsiýetnamasy» hem-de «Maglumatnama» diýen iki bölümden ybaratdyr. Kitabyň baplarynda gymmatly, şypaly hazyna hasaplanýan 107 sany dermanlyk ösümlik barada doly we düýpli maglumatlar berilýär. Baý mazmunly ensiklopediýa daşary ýurtly okyjylary türkmen tebigaty bilen ýakyndan tanyşdyrmaga hem ýardam edýär. Milli Liderimiziň «Saglygy goraýyşda ýetilen sepgitler» atly kitaby hem şu geçen döwürde milli saglygy goraýyş ulgamyny ösdürmek babatda ýetilen sepgitlere bagyşlanýar. Munuň özi ata Watanymyzyň ýeten belent ösüşleriniň özboluşly beýanydyr. Yzygiderli alnyp barylýan şeýle ýokary netijeli işler biziň her birimizi guwandyrýar, buýsandyrýar.

**Bahar BORJAKOWA,**
**Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň Magistrleri taýýarlamak okuwynyň Konstitusiýa hukugy ugrunyň talyby.**

# YLHAM ÝAÝLASY — KALBYŇ AÝNASY

Ýakynda Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Aşgabat şäher geňeşiniň «Aşgabat» teleýaýlymy bilen bilelikde guramagynda «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň XV ýyllygy» seýilgähinde «Guşa ganat gerek, ynsana — ylham» atly şygar astynda gezelenç çäresi geçirilip, oňa Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Neşirýat-çaphana orta hünär okuw mekdebiniň talyp ýaşlary gatnaşdylar.

Gezelenjiň dowamynda durky täzelenen bu ajaýyp seýilgähiň özboluşly, elwan güller bilen bezelen, uzaklara ýaýylyp gidýän ýaşyl zolaklaryndan ylham alan ýaşlar joşgunly kalplaryndan dörän birnäçe goşgularyny okadylar. Şanly Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllyk baýramynyň öňüsyrasynda durky täzelenip ulanylmaga berlen bu seýilgähde paýtagtyň ýaşaýjylarynyňdyr myhmanlaryň rahat dynç almaklary, çagalaryň wagtlaryny peýdaly geçirmekleri üçin ähli şertler döredildi.

Gezelenjiň ahyrynda oňa gatnaşanlar türkmen halkynyň bagtyýar, abadan durmuşda ýaşamagy ugrunda giň mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň adyna alkyş sözlerini beýan etdiler.

**Hoşgeldi ANNAGELDIÝEW,**
**Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Aşgabat şäher geňeşiniň medeniýet we köpçülikleýin habar beriş bölüminiň müdiri.**

Ýaşlara ynam uly

# BILIM DÜNÝÄSINIŇ BELENTLIKLERI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan işlerini üstünlikli dowam edýän hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda döwleti we jemgyýeti mundan beýläk-de demokratiýalaşdyrmak, raýatlaryň hukuklaryny, azatlyklaryny giňeltmek, ýokary aň-düşünjeli, beden taýdan sagdyn şahsyýeti kemala getirmek boýunça ylma-bilime daýanyp, giň gerimli işler üstünlikli alnyp barylýar. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistany durmuş-ykdysady taýdan ösdürmekde bilim ulgamy döwletimiziň ileri tutulýan ugurlarynyň biri hasaplanýar.

«Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşinde: «Türkmenistanyň raýatlaryna milletine, teniniň reňkine, jynsyna, gelip çykyşyna, emläk hem wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, diline, dine garaýşyna, syýasy ynam-ygtykadyna ýa-da gaýry ýagdaýlara, şeýle hem ýaşyna we saglyk ýagdaýyna garamazdan, bilim almak mümkinçiligi kepillendirilýär» diýlip bellenilmegi mekdep ýaşyna ýeten her bir türkmenistanlynyň bilim almaga bolan hukugyny kepillendirýär. Ýurdumyzda bilim bermek işine ylmyň soňky gazananlary, okatmagyň innowasion usullary, ýokary hilli elektron bilim maglumatlary giňden ornaşdyrylýar. Sanly bilim ulgamy işjeň ornaşdyrylýar. Ylym-bilim barada hormatly Prezidentimiz «Ýaşlar — Watanyň daýanjy» atly kitabynda şeýle belleýär: «Ylym netijeli ösüşleriň esasy çeşmesidir, täze açyşlara ruhlandyrýan güýçdür. Eziz Watanymyzda ylmy we bilimi ösdürmek, ykdysadyýetimiziň pudaklaryna ylmyň täze gazananlaryny ornaşdyrmak, ýurdumyzyň ylmy kuwwatyny artdyrmak biziň baş maksatlarymyzyň biri bolup durýar. Şunda aýdyň maksatlary we meýilnamalary özlerine ýörelge edinen ýaş alymlaryň ylmyň ileri tutulýan ugurlary boýunça gazanýan döredijilik üstünlikleri, ylmy açyşlary döwletimiziň mundan beýläk-de gülläp ösmegi üçin täze mümkinçilikleri açýar».

Bu günki gün Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallasy bilen, orta mekdepleriň, çagalar baglarynyň maddy-enjamlaýyn binýady yzygiderli pugtalandyrylýar. Ähli mekdepleriň okuw kitaplar, gollanmalar, görkezme esbaplary, ýokary derejede taýýarlykly mugallymlar, terbiýeçiler bilen üpjünçiligi has-da kämilleşdirilýär. Mugallymlaryň hünär derejeleri yzygiderli ýokarlandyrylýar. Bilim ulgamyndaky öňdebaryjy halkara tejribeler ýurdumyzyň bilim edaralaryna işjeň ornaşdyrylýar. Ýaşlarymyzyň Ýer ýüzüniň maglumat giňişliginden erkin peýdalanmaklary üçin zerur şertler döredilýär. Ýaş nesliň bilim almaga bolan hyjuw-höwesini, işjeňligini, jogapkärçiligini artdyrýan möhüm işler üstünlikli amala aşyrylýar.

Eziz Diýarymyzyň ylym-bilim edaralarynyň işine aýratyn ähmiýet berýän, ýaşlaryň döwrebap bilim almaklary üçin ähli şertleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, beýik işleri rowaçlyklara beslensin!

**Jemal GURBANOWA,**
**Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa institutynyň ylmy işgäri.**



# 2025-nji ýyl — Halkara parahatçylyk




## BAŞ MAKSAT — PARAHATÇYLYK

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallasy netijesinde asmanymyzyň asuda, ýurdumyzyň abadan bolmagyny asyrlaryň dowamynda dilleriniň senasyna öwren pederlerimiziň arzuw-umytlary hasyl boldy. Bu gün biz Magtymguly atamyzyň çoh garaşan ajap eýýamynda ýaşaýarys. Hemişelik Bitaraplyk taglymaty dünýä döwletleri bilen ylalaşykly, parahat ýaşamak diýmekdir. Bitaraplyk ýaş türkmen döwletiniň gülläp ösmegi üçin badalga boldy. Parahatçylygy we durnuklylygy saklaýan türkmen döwletimiz ykdysadyýetde, medeniýetde uly ösüşleri gazanýar. Parahatçylygyň, ylalaşygyň we halklaryň arasyndaky dostlugyň hakyky merkezine öwrülen Aşgabatda Birleşen Milletler Guramasynyň we beýleki ençeme abraýly halkara guramalaryň gatnaşmagynda uly forumlaryň we wajyp ähmiýetli duşuşyklaryň geçirilmegi munuň aýdyň subutnamasydyr. Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek boýunça hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de berkitmek döwletimiziň halkara giňişliginde alyp barýan beýik işleriniň ileri tutulýan ugrudyr.

Watanymyzda hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllyk toýy uludan tutulýar. Bu şanly toýuň çäklerinde ýurdumyzda halkara derejede we döwlet derejesinde dürli ugurly bäsleşikler, ylmy-amaly maslahatlar geçirilýär. Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyplary hem bu bäsleşiklere işjeň gatnaşyp, öňdäki orunlara mynasyp bolýarlar. Golaýda Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň gurnamagynda iňlis dilinde geçirilen «Daşky gurşawy goramak boýunça çeper sözleýiş sungaty bäsleşiginde» Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyplary üstünlikli çykyş edip, 1-nji orny eýelediler. Bu bäsleşik ýurdumyzyň ýaşlarynyň innowasion we durnukly ekologik taslamalaryny ösdürmek, howanyň üýtgemegi, daşky gurşaw we durnukly ösüş ugurlary boýunça bilimlerini artdyrmak hem-de BMG-niň Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmäge goşant hökmünde guraldy.

«Dünýäde BMG tarapyndan ykrar edilen ilkinji Bitarap döwlet — bu biziň ata Watanymyz — eziz Türkmenistandyr!» diýlen nurana, buýsançly sözler bu gün abadan halkymyzyň diliniň senasyna, ýürek owazyna öwrüldi. Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň iň ýakyn we ynamdar hyzmatdaşy. Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde ak şäherimiz Aşgabady bolsa häzirki wagtda sebitde ylalaşdyryjy merkez hökmünde bütin dünýä tanaýar.

Goý, ýurdumyzy parahatçylygyň we abadançylygyň, beýik ösüşleriň ýoly bilen öňe alyp barýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!

**Kümüş ALLABAÝEWA,**
**Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.**

## ASYLLY ÝÖRELGELERIŇ DABARALANMASY

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň ýörite Kararnamasy bilen üç gezek ykrar edilmegi, «2025-nji ýyl — Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly», «Merkezi Aziýa — parahatçylyk, ynanyşmak we hyzmatdaşlyk zolagy» atly Kararnamalarynyň kabul edilmegi ýurdumyzyň parahatçylyk söýüjilikli syýasatynyň dabaralanmasydyr. Türkmenistan parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk we özara bähbitli hyzmatdaşlyk syýasatyny amala aşyrmak bilen dünýä döwletleri, şol sanda abraýly sebit we halkara guramalary bilen netijeli gatnaşyklaryny ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn görnüşde üstünlikli ösdürýär. Döwlet Baştutanymyzyň öňe sürýän döredijilikli başlangyçlary döwletara gatnaşyklarda hakykatyň we dogruçyllygyň dabaralanýandygyny şertlendirýär.

Türkmenistan Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna eýe bolmak bilen, halkara giňişliginde strategik we ählumumy parahatçylygyň berk binýadyny goýmak meselelerine aýratyn üns berýär. Çünki parahatçylyk we ynanyşmak — halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmegiň, 2030-njy ýyla çenli Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmegiň zerur şerti bolup durýar. Bitarap Türkmenistan dünýä döwletleri bilen gatnaşyklary deňhukukly we özara bähbitleri nazara almak esasynda ösdürmek ýörelgelerine eýerýär. Türkmenistanyň daşary syýasatynyň özeni bolan hemişelik Bitaraplyk dünýä bileleşiginiň ynamyny doly ödeýär. Hemişelik Bitaraplyk syýasatymyz parahatçylyk söýüjilik, ynanyşmak, beýleki döwletleriň özygtyýarlylygyna, çäk bitewüligine hormat goýmak, hoşniýetli hyzmatdaşlyk ýaly asylly ýörelgelere eýerýär. Oňyn Bitaraplyk syýasatyny öňe sürýän Watanymyz bu gün dünýäde möhüm meseleleriň çözülmeginde işjeň orny eýelemek bilen, parahatçylygy, howpsuzlygy berkitmekde ylalaşdyryjy merkeze öwrüldi.

**Täjigül AGÖÝLIÝEWA,**
**Aşgabat şäher Raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysy bölüminiň müdiri.**

## TARYHY TEJRIBÄNIŇ MIWELERI

Ata Watanymyzda hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllyk baýramynyň dabaraly toýlanyljak günleri barha ýakynlaşýar. «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» şygary astynda geçýän ýylymyzda ýurdumyzyň Bitaraplyk ýörelgesi halkara derejesinde uly gyzyklanma we gyzgyn goldawa eýe bolýar.

Häzirki wagtda Türkmenistan hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna esaslanyp, dünýäniň ençeme ýurtlary, abraýly halkara guramalary bilen parahatçylyga we ynsanperwerlige esaslanýan dostlukly gatnaşyklary yzygiderli pugtalandyrýar, umumadamzat bähbitlerine gönükdirilen ynsanperwer başlangyçlar bilen çykyş edýär. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyz Bitaraplygyň halkara hukugynyň, diplomatiýanyň, parahatçylyk dörediji dialogyň hem-de öňüni alyş diplomatiýasynyň durmuşa geçirilmeginiň netijeli gural bolup biljekdigini iş ýüzünde subut etdi. Şeýlelikde, bu ugurda möhüm işleri alyp barýan Watanymyz sebitde durnukly ösüşi we howpsuzlygy üpjün etmekde esasy orunlaryň birini eýeleýän, dünýäde uly abraýdan, hormatdan peýdalanýan döwlet hökmünde tanalýar we belent abraýa eýe bolýar.

Gahryman Arkadagymyz «Ömrümiň manysy» atly kitabynda şeýle belleýär: «Halkymyzyň beýleki halklar bilen köp asyrlaryň dowamyndaky gatnaşygynyň, hyzmatdaşlygynyň taryhy tejribesi Bitaraplyk derejesini saýlap almagymyza esas bolandyr». Şu parasatly sözlerden görnüşi ýaly, halkymyzyň asylly ýörelgesi, parahatçylyk söýüjilik ýoly gadymdan gelýän baý taryhymyzyň miwesidir. Bu asylly ýörelgeler pähimdar pederlerimiziň döreden beýik taglymatydyr. Şol beýik taglymaty kämilleşdirip, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe umumadamzat gymmatlygyna öwren ata Watanymyz dünýä döwletlerini ynsanperwerlige, ýagşylyga çagyrýar. Şonuň üçin hem halkymyzyň parahatçylyk söýüjilik ýörelgelerini çuňňur öwrenmek we olara sarpa goýmak, geljek nesillere ýetirmek biziň baş maksadymyzdyr.

**Tawus MÄMMETÝAZOWA,**
**Türkmenistanyň Dokma senagaty işgärleriniň Kärdeşler arkalaşygynyň Geňeşiniň esasy hünärmeni.**

## JÖWHER PAÝHASYŇ DÜRDÄNELERI

Bedew bady bilen öňe barýan ýurdumyzyň her bir güni toýdur baýramlara, şanly senelere, ýatdan çykmajak wakalara beslenýär. Häzirki wagtda türkmen halky hemişelik Bitaraplyk baýramynyň bosagasynda dur. Bu baýramçylyga-da ähli pudaklar öz ýeten belent üstünlikleri bilen barýar. Häzirki döwürde ýurdumyz ähli döwletler bilen hoşniýetli, dostana gatnaşyklary işjeň alyp barýar. Ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplyk syýasatynyň netijesinde sebitiň halklarynyň gatnaşyklary ösüşiň täze derejelerine göterildi.

2015-nji ýylyň 3-nji iýunynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 69-njy mejlisinde biziň ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýy gaýtadan ykrar edildi. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda dünýä jemgyýetçiliginde «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» baradaky Kararnamanyň 3-nji gezek kabul edilmegi bolsa ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň umumadamzat ähmiýetiniň örän uludygynyň gaýtadan tassyklanylmasydyr.

Türkmen halky mukaddes Garaşsyzlygyny, hemişelik Bitaraplygyny alandan soňra birnäçe özgerişliklere hem-de ösüşlere eýe boldy. Ykdysadyýetimiziň ähli pudaklary bilen bir hatarda, medeniýet ulgamynda hem uly ösüşlere, belent sepgitlere ýetildi. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde medeniýet ulgamynyň esasy ugurlarynyň biri bolan kitaphanalarymyz döwrebap derejelere ýetirildi. Ýurdumyzda hereket edýän kitaphanalarymyzda Gahryman Arkadagymyzyň jöwher paýhasyndan döreýän dürdäne eserleri hem-de ýazyjy-şahyrlaryň, alymlaryň eserleri saklanylýar we öwran-öwran okalýar.

Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet kitaphanasy okyjylara döwrebap hyzmat edýär. Kitaphanamyzda her bir baýramçylyk mynasybetli birnäçe döwlet derejesinde medeni çäreler, kitap sergileri hem-de göçme kitap sergileri gurnalýar. Kitap sergilerinde Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň jöwher paýhasyndan dörän ajaýyp eserlerine aýratyn orun berilýär. Ýazyjy-şahyrlarymyzyň kitaplary we eserleriniň sergileri ýaýbaňlandyrylýar. Bu bolsa biziň döwlet kitaphanamyza gelýän okyjylarymyzyň täze gelen kitaplar bilen giňden tanyşmaklaryna uly mümkinçilik bolup durýar.

Bize bagtyýar zamanada ýaşap, döredijilikli zähmet çekmegimiz üçin hemmetaraplaýyn mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, umumadamzat ähmiýetli alyp barýan döwletli işleriniň hemişe rowaçlyklara beslenmegini arzuw edýäris.

**Aýna AMANDURDYÝEWA,**
**Türkmenistanyň döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet kitaphanasynyň hyzmat ediş bölüminiň bölümçe müdiri.**

we ynanyşmak ýyly

Döwletimiz berkarar — zamanamyz bagtyýar



# Halk bähbitli işler

Ýakynda Saglygy goraýyş we derman senagaty işgärleriniň güni mynasybetli ýurdumyzda saglygy goraýyş ulgamynyň köpugurly düzüminiň üstüni ýetirjek döwrebap lukmançylyk desgalarynyň — Aşgabat şäherinde 500 orunlyk köpugurly hassahananyň, Ahal welaýatynyň Tejen etrabynyň Tejen şäherinde 300 orunlyk etrabara köpugurly hassahananyň, Daşoguz welaýatynyň Daşoguz şäherinde 400 orunlyk Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş merkeziniň düýbüni tutmak dabaralary boldy.

Paýtagtymyzyň günorta künjeginde 500 orunlyk Aşgabat şäher köpugurly hassahanasynyň düýbüni tutmak dabarasyna gatnaşmak üçin Mejlisiň Başlygy, Hökümet agzalary, ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylary, köp sanly daşary ýurtly myhmanlar, saglygy goraýyş işgärleri ýygnandylar. Bu ýerde aýdym-saz, tans toparlarynyň şowhunly çykyşlary ýaýbaňlandyryldy. Ilki bilen, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň Gutlagy okaldy. Soňra dabaranyň esasy pursatlaryna orun berildi: ýadygärlik ýazgy ýazylan ýörite gutujyk 500 orunlyk Aşgabat şäher köpugurly hassahanasynyň gurluşyk meýdançasynyň düýbüne atyldy. Şeýlelikde, desganyň gurluşygyna resmi taýdan badalga berildi.

Dabara gatnaşyjylar halkymyzyň saglygy baradaky yzygiderli aladalary üçin Gahryman Arkadagymyza we hormatly Prezidentimize hoşallyklaryny beýan etdiler.

**«Aşgabat».**




# Saglyk binalarynyň öwüşgini

10-njy oktýabrda Saglygy goraýyş we derman senagaty işgärleriniň güni mynasybetli paýtagtymyzyň Bagtyýarlyk etrabynyň «Garadaşaýak» ýaşaýyş toplumynda gurlan döwrebap saglyk öýüniň, şeýle hem Mary etrabynyň Täze güýç geňeşliginiň çäginde 300 orunlyk Mary welaýat inçekesel hassahanasynyň açylyş dabaralary boldy.

Paýtagtymyzda guralan dabara şäher häkimliginiň, jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri, Aşgabat şäher we etrap halk maslahatlarynyň agzalary, saglygy goraýyş işgärleri, hormatly ýaşulular gatnaşdylar. Dabarada çykyş edenler Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň ähli ulgamlarda gazanýan üstünlikleriniň mizemez binýadynyň adam hakyndaky aladadan gözbaş alýandygyny bellediler. Şunda Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanan jemgyýetiň we döwletiň iň ýokary gymmatlygy bolan ynsan saglygyny goramak maksadynyň häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda durmuşa geçirilýän döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýandygy aýratyn nygtaldy. Soňra dabara gatnaşyjylaryň şowhunly el çarpyşmalary astynda döwrebap saglyk öýüniň toý bagy kesildi. Saglygy goraýyş işgärleri özleri barada edilýän aladalar, işlemek üçin döredilýän döwrebap şertler üçin Gahryman Arkadagymyza we Arkadagly Gahryman Serdarymyza alkyşlaryny beýan etdiler. Açylyş dabarasynyň çäklerinde döwrebap saglyk öýüniň gurluşygynda tapawutlanyp zähmet çeken gurluşykçylara ýadygärlik sowgatlar gowşuryldy.

**«Aşgabat».**

TÜRKMENISTANYŇ LUKMANÇYLYGY

# Hünär baýramynyň şanyna

10-njy oktýabrda Söwda-senagat edarasynyň sergiler zalynda ýurdumyzda giňden bellenilen Saglygy goraýyş we derman senagaty işgärleriniň gününe gabatlanyp geçirilen «Saglygy goraýyş, bilim we sport Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe» atly halkara serginiň açylyş dabarasy we onuň çäklerinde ylmy maslahat geçirildi. Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty, Bilim ministrlikleri, Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komiteti hem-de Söwda-senagat edarasy tarapyndan bilelikde guralan ýöriteleşdirilen serginiň dowamynda köp sanly myhmanlar ýaýbaňlandyrylan diwarlyklar bilen tanyşdylar. Şu gezekki çärä dünýäniň 40 döwletinden alymlardyr lukmanlaryň, hünärmenleriň 120-ä golaýy, şeýle-de lukmançylyk enjamlaryny, sport, ylym-bilim ulgamlaryna degişli tehnologiýalary öndürýän hem-de hyzmatlary hödürleýän öňdebaryjy kompaniýalardan 180-den gowrak wekil gatnaşdy.

Şol gün Söwda-senagat edarasynyň maslahatlar zalynda «Saglygy goraýyş, bilim we sport Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe» atly ylmy maslahatyň plenar mejlisi geçirildi. Ylmy maslahatyň ikinji we üçünji güni lukmançylyk, bilim, ylym we sport ulgamlarynyň 20 ugry boýunça ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde hem-de saglygy goraýyş edaralarynda geçirilen bölümçelerde dowam etdi. Şeýle-de halkara forumyň geçirilen günlerinde ýurdumyzyň saglygy goraýyş we derman senagaty ulgamyna degişli düzümlerde Türki dilli ýurtlaryň kardiologlarynyň XI kongresi, Merkezi Aziýa ýurtlarynyň fiziologlarynyň halkara kongresi, «2030-njy ýyla çenli ýatgy boýunjygynyň howply täze döremesini ýeňeris» atly forum, Ýewraziýa döwletleriniň onkolog lukmanlarynyň halkara maslahaty geçirildi.

**«Aşgabat».**




# Ruhubelentligiň gözbaşy

Golaýda Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty işgärleriniň güni mynasybetli «Saglygy goraýyş, bilim we sport Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe» atly halkara ylmy maslahat geçirildi. Onuň çäklerinde Aşgabat şäheriniň 10-njy Saglyk öýünde «Iç keseller» bölümçesi, Halkara saglyk merkezleri müdiriýetiniň Halkara Kardiologiýa merkezinde «Kardiologiýa we kardiohirurgiýa» bölümçesi, Halkara saglyk merkezleri müdiriýetiniň Halkara Endokrinologiýa we hirurgiýa merkezinde «Hirurgiýa» bölümçesi, şeýle hem Aşgabat şäherindäki «Arçabil» myhmanhanasynda zenanlaryň saglygyny goramak ugrunda ýokanç däl keselleriň düzümine girýän howply täze döremeleriň öňüni almak boýunça milli forum geçirildi. Bölümçelerde geçen maslahata Saglygy goraýyş ulgamynyň işgärleriniň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri gatnaşdylar.

Maslahatda çykyş edenler ýurdumyzda saglygy goraýyş ulgamynda ýetilen belent sepgitler, gazanylýan ösüşler, halkymyzyň, aýratyn-da ýaşlarymyzyň sagdyn jemgyýetde ruhubelent ýaşamaklary üçin döredilýän mümkinçilikler, bimöçber aladalar dogrusynda giňişleýin gürrüň edildi. «Saglyk» Döwlet maksatnamasyny üstünlikli durmuşa geçirmek, jemgyýetimize sagdyn durmuş ýörelgelerini ornaşdyrmak babatda durmuşa geçirilýän işleriň saglyk ulgamynyň işgärlerini tutanýerli işlemäge ruhlandyrýandygy buýsanç bilen nygtaldy.

Dabaranyň ahyrynda oňa gatnaşanlar ýurdumyzy sagdynlygyň mekanyna öwürýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden çykýan hoşallyklaryny beýan etdiler.

**Maýagözel GOŞAÝEWA,**
**«Aşgabat».**



Durmuş kyssalary

# Ýakymly ýyllaryň ýatlamasy

Öýde goşa ýassygy tirseklä̈p ajyja çaýyň hözirini görüp oturan Hojamuhammet aga içki otagdan gelýän tanyş sese üşerildi. Gulaklary agyrrak bolansoň, zordan saýgardy: Türkmenistanyň Gahrymany, zehinli opera aýdymçysy Maýa Kulyýewanyň ýaşlyk döwrüniň aýdymlaryny teleýaýlymda berýän ekenler. Onuň aýdymlaryny diňläp, segsen ýaşy erňeklän bu ýaşulynyň çagalyk döwürleri ýadyna düşdi. Ondan bäri 70 ýyl töweregi wagt geçipdir.

1950-nji ýyllaryň aýaklarynda «Maýa Kulyýewanyň gatnaşmagynda obamyza oýun gelipdir» diýip, Tejen etrabynyň Amanşagapan obasynyň adamlary begenişýärdiler. Has hem ýaşlar begenip, şatlanyp, biri-birine habar berýärdiler. Ol wagtlar Hojamuhammet ýaňy 11-12 ýaşlaryndaky oglanjykdy. Ol özi ýaly oglanjyklar bilen birlikde aýak ýalaň, baş açyk halda, tozanly ýollardan teatra baryp, şol töwereklerden aýrylman, oýnuň başlaryna garaşýardy. Kakasy Hojahan aga teatryň ýanyndaky geňeşlikde hasapçy bolup işleýärdi. Şol wagt Hojamuhammede kakasynyň çagyrýandygyny aýtdylar. Barsa, kakasynyň ýanynda güler ýüzli bir aýal maşgala bar. Ol zehinli opera aýdymçysy Maýa Kulyýewady. Hojahan aga ogluna ýüzlendi:

— Oglum, sen Maýany öýe elt! Ejeňe-de aýt, Maýanyň diýenleriniň kemini goýman oňarsyn!

— Bolýar, kaka, aýdyşyň ýaly ederin.

Hojamuhammet şeýdip artist zenany öz öýlerine alyp gaýtdy. Maýanyň oglanjygyň kakasyndan haýyş eden zady — artistleriň biriniň bokurdak agyrysy bardy, käýarym oňa dümew degende ajy burçly gyzgyn aş içse, has gowy açylýardy, şonuň üçin unaş bişirmäge kömek sorapdy. Kakasy «Onuň gürrüňi bolmaz» diýip, ogluny aýdymçy zenanyň ýany bilen öýe ugradypdy.

Şeýdip olar Hojamuhammetlere bardylar. Akjagül gelneje aýdymçy zenany güler ýüz bilen garşylady. Olaryň bada-bat sözleri alşyp gitdi. Maýa oglanjygyň ejesi Akjagül gelnejä özüniň ýetimçilikde ösüp-ulalandygyny, çagalar öýünde-de, hossarlarynyň ýanynda bolan döwürleri hem gyz maşgala mahsus bolan endikleriň hemmesini, ýagny biş-düş taýýarlamak, tikin-çatyn işlerini kemsiz öwrenendigini gürrüň berdi. Un, oklaw, gapak, gyzyl burç tapyp berse, nohutdyr noýbanyň özünde bardygyny, tagam bişirmäge ökdedigini, noýbaly, burçly unaş taýýarlajakdygyny aýtdy.

Şeýlelikde, olar unaş bişirmäge durdular. Maýa ak bugdaýyň ak unundan hamyr ýugurdy-da, ony zowalalara bölüşdirdi. Soňra agaç gapagyň üstünde zowalalary ussatlyk bilen ýaýyp başlady. Akja sülük barmaklar, dolmuş goşarlar gapagyň üstünde bir öňe, bir yza gatnap, oklawyň üstünde dyngysyz hereket edýärdi. Onuň hamyr ýaýyşyny synlap duran oglanjygyň gözleri hem şol barmaklaryň hereketi bilen deň gidip-gelýärdi, sazlaşykly goşulyşýardy. Soňra bu görmegeý artist zenan ýaýan hamyrlaryny inçelik bilen kesişdirip başlady. Akjagül gelneje hem oňa kömekleşýärdi.

Oglanjygyň ejesi şol pursady, ýagny Maýanyň unaş bişirmäge ökdedigini, eliniň gelşip durandygyny soň-soňlar hem köp ýatlardy.

Hawa, aş taýyn boldy, ony gaýnag suwa ataýmaly. Maýa Hojamuhammede garap, şol ýerdäki, artistleriň biriniň adyny tutdy-da, «Ylga, jigim, şony alyp gel!» diýdi.

Oglanjyk zut ylgap gitdide, ady tutulan adama habar berdi. Artistler iki bolup öýe geldiler. Olar burçly, noýbaly gyzgyn aşy derläp içýärdiler.

Şol iki artistiň biri Maýanyň ýanýoldaşy Hoja Annaýewdi. Olar ýagşy dynçlaryny alandan soň, syrçaly bedräni unaşdan dolduryp, beýleki ýoldaşlaryna hem äkitdiler.

Şol döwürler artistler opera-balet teatrynyň goýýan «Kemine we kazy», «Zöhre-Tahyr», «Şasenem-Garyp», «Leýli-Mejnun» operalary bilen obalara aýlanýardylar. Artistler haýsy oba barsalar, şol operalaryň birini goýup, üýtgedip durýardylar. Olar Amanşagapan obasynda «Zöhre-Tahyry» görkezmegi makul bildiler.

Şol günler obadaky tomusky teatrda abatlaýyş işleri geçirilýärdi. Şol sebäpli artistler öz ýanlary bilen göterýän sahna matalaryny gerişdirip, işläp başladylar.

Teatra mäireke örän kän üýşüpdi, her kim sahna golaý oturjak bolýardy. Birden Hojamuhammede gözi düşen Maýa ony öz ýanyna çagyrdy-da, sahnanyň arka tarapynda oturtdy. Oglanjyk artistleriň hereketlerini geň görmeýärdi. Olar lybaslaryny üýtgedip, keşbe girýärdiler welin, oglanjyk üçin başga bir adam bolaýýardylar. Maýa Zöhräniň keşbinde çykyş edýärdi.

Opera başlandy. Näme, artistler operada diňe aýdym arkaly gürleşýärdiler, aýdym bilen düşünişýärdiler. Opera barha gyzyşýardy. Wakalar dartgynlaşyp, kem-kem batly ýaňlanýan garşylyklaýyn aýdymlar möwç alýardy:

Tahyr begi sandyga salyp, sandygyň gulpuny berkitdiler-de, suwa taşladylar. Şol wagt Zöhre gyz oda düşen perwana dek bolup, zar-zar, ebri nowbahar ýyglap, gördi, sandyk derýada akyp barýar... Ol:

— Men hem Tahyr bilen gidermen — diýip, özüni derýa oklamakçy boldy.

Zöhre jan ýöremäge mydary bolmady, ýşk kuwwatyny alypdyr, aýralygyň wehmi şeýle ejizledipdir ki, göýä ganaty gyrlan guş dek mejalsyz erdi. Tahyryň garasy görünmez bolup barýar erdi. Zöhre şu ýerde näderin bilmän, bir söz aýtdy:

Zöhre diýr, galmady sabry-kararym,
Derýada gark boldy söýgüli ýarym,
Bu ýşkyň apaty aldy mydarym,
Bu gün maňa kuwwat berer günüňdir.

Teatra ýygnanan oba zähmetkeşleri durky-düýrmegi bilen opera berlipdi. Olar sahnada şirin owazy bilen çar ýany ýaňlandyryp duran zenany Maýa däl-de, Zöhräniň hut özi hökmünde kabul edýärdiler.

Şol barmana çyranyň ýşygyna gelen bir uly möý asyl-asyl bolup sahnada peýda boldy. Möý sahnada uzalyp gidýän kerebiniň üsti bilen iki ýana ylgaýardy. Maýanyň sesi welin kem-kem batlanýardy:

Zöhre diýer, ýokdur sabrym, kararym,
Jeýhuna gark boldy, söýgüli ýarym...
Aglap geçdi ömri leýlu nahalym,
Tahyr atly şasuwardan aýyrdy.

Şol barmana Maýa möýi gördi. Ol gaty gorkan bolara çemeli, birden bir gapdala böküp düşdi. Aýdymyň sesi welin peselmeýärdi. Maýa

Tahyr atly şasuwardan aý-y-r-dy -

diýip gaýtalady-da, aýdymynyň arasynda «Aýyry-y-y-yň!» diýip möýe elini uzatdy. Ol «Aýyryň!» sözüni opera labzynda şeýle bir süýküdirip aýtdy welin, tomaşaçylar oňa operanyň öz sözüdir öýtdüler. Möýi görüp oturanlar welin gülüşýärdiler. Ahyry opera tamamlandy. Haçan-da Maýa sahnanyň arka tarapyna gelende kärdeşleri — artistler gyzyl-gyran gülüşdiler. Olaryň biri içini tutup, ýarym-ýaş bolup gülüp durşuna dillendi:

— Maýa seniň ugurtapyjylygyň tutuş operanyň dowamynda gyzykly boldy.

Maýanyň özi hem gülýärdi:

— Nämekä diýipdirin asyl-asyl bolup geldi welin, bir gyra nädip bökenimi özümem bilemok. Tahyr dagy şol bada ýadymdan çykdy...

Olar ýene gülüşdiler.

Ol wakany gören şol döwürdäki çagalar soň-soňlar, uly adam bolansoňlar hem «Aýyry-y-y-yň!» diýşip gülşer ýörerdiler.

Üstünden 70 ýyl töweregi wagt geçen şol waka, şol günler örän ýatda galyjy bolupdy. Opera şonda örän gyzykly geçdi. «Aýyry-y-y-yň!» sözi welin häli-häzir hem dowam edýär.

Şol wakadan bir hepde — on gün töweregi wagt geçendir, Maýa Kulyýewa kärdeş zenanlarynyň biri bilen ýene Hojamuhammetlere geldi. Şol wagt öýde bolmansoň, ilki Hojahan aganyň gelerine garaşdylar, ol gelensoň hem, ondan-mundan gürrüň edip oturdylar. Maýa şonda goňşy oba opera görkezmäge gelendiklerini aýtdy-da, Hojahan aga ýüzlendi:

— Hojahan aga, çagalar oýun görmek isleseler, özüm bilen äkidäýeýin?!

— Aý, özleri islese, men-ä garşy däl, Maýa!

Şol barmana Maýanyň öýüň dulundaky gabynda duran dutara gözi düşdi:

— Hojahan aga, bu dutary görüp bolarmy?

— Hawa-la, elbetde, näme görüp bolman?!

Hojahan aga dutary alyp, artist zenana uzatdy:

— Me, al, gör, ine!

Maýa ony gowy gözden geçirdi, goşa taryň sesini sazlady, başam barmagy bilen tarlaryna kakyp gördi. Bir-iki ýola şabram kakyp, dutara göwni ýetdi. Myhman ýerinde utandyny-nämemi, ýogsam, dutary tutuşyndan, tarlaryny barlap görşünden, onuň ökde sazandadygy görnüp durdy. Soňra ol dutary gabyna saldy. Bu görmegeý, hoşgylaw zenan bir zatdan ýaýdanýan ýaly birsalym oturdy. Soňra Hojahan agadan dutary ertire çenli bermegini sorady:

— Eger kyn görmeseňiz, şu dutary ýekeje günlük maňa beriň. Ertir irden hökman getirip bererin.

— Weý, ýogsam näme, alyň, alyň, äkidiň!

— Köp sag boluň, Hojahan aga!

Maýa dutary alyp ugranda ýanyndaky ýoldaşy oňa garady:

— Maýa sen salama gelmän, dilege gelen ekeniň-ä!

— Aý, ýok-la, ýöne bu dutary görüp, durup bilmedim-dä!

Olar şeýdip birenaýy gülüşdiler. Aý, garaz, artistleriň bir ýany degişme, gülüşme bolar eken.

Hawa, Maýa, aýdyşy ýaly, irden geldi. Şol wagt Hojahan aga-da öýdedi. Hojamuhammet hem kakasynyň ýanynda otyrdy. Onsoň çaý başyndaky gürrüň uzaga çekdi. Maýa öten agşamky spektaklda dutary çalandygyny, onuň ussasynyň kimdigini sorady. Ýaşuly dutaryň ussasynyň Pürlüdigini, onuň «Pürli gurçuk» lakamy bilen tanalýandygyny aýtdy. Maýa hem öýlerinde dutar bardygyny, käýarym ony çalýandygyny, ýöne ondan bu dutaryňky ýaly ses alyp bilmeýändigini aýtdy. Ölçegi, gabarasy meňzeş bolsa-da, hemme dutaryň ses berşiniň deň däldigini, näme üçin beýle bolýandygyny sorady. Hojahan aga Maýa garap şeýle diýdi:

— Gowusy men saňa Pürli aganyň gürrüňini aýdyp beräýeýin.

— Aýdyň, aýdyň bakaly!

— Diňle onda! ... Dutar ýasamak üçin iň bolmanda 50 ýaşan tut gerek, onuň ýeke şahasy hem kesilmeli däl, eger bir şahasy kesilen bolsa, şol kesilen ýerinden tuduň düzümindäki gerekli maddalar çykýar-da, soňra ondan isleýän owazyňy alyp bolmaýar. Tut hemişe suwly ýerde, akar ýaplaryň boýunda ösmeli, suwdan horlanmaly däl. Suwdan, ýerden almaly gerek maddasyny alyp durmaly. Tut agajy bir gezek suwsuz horlansa, eýýäm saglygyny ýitirýär. Hawa, ine, şu zatlary Pürli aga aýdar eken.

— Hojahan aga, şeýle sagdyn tudy tapyp bolarmy?



— Olar ýaly tudy tapaýmak kyndyr. Pürli ussa gezende adam, hemişe gözlegde bolupdyr. Ýurdumyzda şeýle sagdyn tutlary goragda saklaýan ýerler hem bar eken. Pürli aganyň tut gözläp Özbegistana, Täjigistana gidýän wagtlary hem bolupdyr. Ol tut agajyny kesen wagty daşynyň gabygy bilen guradar eken. Kölegede birnäçe günläp saklap, soň Güne çykaryp, kem-kem guradar eken. Kädisini köwen wagty dutaryň içi tekiz, ýagny edil syrça gap ýaly tekiz bolmaly diýer eken.

— Maýa, ýogsa-da, sen dutar bilen gaty gyzyklanýarsyň welin, sazdan başyň çykýan ýaly-la?!

— Hawa, Hojahan aga, men çagalar öýünde bolan, gurnaga gatnan döwürlerim sungat ýoluna dutardan başladym...

Soňra görmegeý hem nurana, bilbil owazly zenan, opera aýdymlarynyň ussady Maýa Kulyýewa hezil edip güldi-de sözüni dowam etdi:

— Soň geçdim men «opera» aýdymlara, Hojahan aga! Moskwanyň Çaýkowskiý adyndaky konserwatoriýasynda okan döwrümde dutary ýanymdan goýmaýardym. Mugallymlarymyz maňa haýsy hem bolsa bir ugra ýykgyn etmegi maslahat berdiler. Onsoň «opera» aýdymlara ýykgyn etdim, sebäbi men şol ugurdan bilim alypdym. Dutary welin öýde dynç alýan döwrümde çalýaryn. Dutar çalýan döwrüm özümi has gowy, bagtyýar duýýaryn, gowy dynç alýaryn...

Soňra Maýa daşary ýurt teatrlarynda bolan wakalary hem gürrüň berdi. Ýaşajyk Hojamuhammet hem bu mähriban zenanyň gürrüňlerini gulaga, göze öwrülip diňlemäge çalyşýardy. Zehinli aýdymçy zenan gürlände hem onuň sesi göýä diýersiň şirin aýdym, tebigy owaz ýaly ýakymlydy:

— Biziň toparymyza her ugurdan bagşy-sazandalary çagyrýardylar. Daşary ýurda gidenimizde Mary welaýatyndan Hangeldi Annamyradow diýen ýaş bagşynyň üýtgeşik sesiniň bardygyny, ýaşlygyna garamazdan, örän gowy aýdýandygyny, owazynyň dutara goşulyşynyň örän ýakymlydygyny aýdyp, şony, onsoň ýene-de dilli tüýdük çalýan bir tüýdükçini hem toparymyza goşdular.

Onsoň konsert başlandy. Hangeldi sazandalary bilen sahna çykdy. Üç sany ýaş ýigit türkmen milli lybasynda — donly, telpekli otyrlar. Hangeldi birnäçe aýdymdan soň «Balsaýat» diýen aýdyma başlady. «Balsaýat bagdadyr bagda» diýip demini alman, joşgun bilen bir zarbada gygyranda zaldaky oturan adamlardan birnäçesi özünden biygtyýar ýerinden turdular. Olar saza içgin düşünýän adamlardy bolmaly.

Soňra dilli tüýdük çalýana gezek geldi. Dilli tüýdük sazandanyň elinde görünmeýär diýen ýalydy. Iki eliniň arasynda saklap, şeýlebir çalýardy welin, tüýdük gepläýjek bolýardy.

Konsert gutardy. Adamlardan birnäçesi sahna gelip, Hangeldiden bir zatlar soraýardylar, onuň bilen tanyşmak isleýärdiler, gyzyklanýardylar. Olar kiçijek, ýönekeýje gamyşdan hem şeýle güýçli sesiň çykýandygyna haýran galýardylar.

Hawa, Maýa şol gezek başga-da kän-kän zatlary gürrüň berdi. Ýöne olaryň hemmesi ýaşajyk Hojamuhammediň ýadynda galmandyr.

Maýa Kulyýewa ençe ýyllardan soň hem Tejen etraplaryna çykyş etmäge gelse, «Bir gün duza — müň gün salam» diýlen söze eýerip, bu mukaddes ojaga gelerdi-de, «Geläýdim!» diýip, hökman salamlaşyp giderdi.

**Bäşim ATAÝEW.**

# «Sap söýgüden gurdugym...»



**Ylhamlar şäheri gözel Aşgabat! Seni söýgüleýän, taryplaýan dilleriň owazyny diňleýän. Ol owazlar ýürek tarlaryna şeýle bir hoş ýakýar. Arka atylan bir ýarym asyra golaý wagt içinde bolan wakalar barada oýlanýarsyň. Şol ýyllaryň içinde Gahryman Arkadagymyzyň bitiren işlerine, şol işleri dowamat eýleýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň yhlasyna baş egýärsiň.**

Paýtagtymyzda başy başlanýan her bir iş, gurulýan binalar asyrlara, nesillere ýadygär. Gözýetime siňip gidýän ýaşyl zolaklar — Arkadag yhlasynyň miwesi. Beýik ymaratlary, köşgi-eýwanlary, gözellikde taýsyz ýaşaýyş jaýlaryny diýsene! Olar oklaw ýaly köçeleriň, ýagty, giň şaýollaryň ugruna merjen düzülen ýaly, hatar gurap otyr. Bu şäherde ýaşamak bagtyna eýe bolan adamlar şat hem bagtyýar. Aslynda, biziň döredijilik işlerimiziň ählisi ylhamdan pürepür. Sözümizem, sazymyzam, yhlasa ýugrulan zähmetimizem, perzentlerimize siňdirýän söýgümizem mähir-muhabbetden doly. Watanymyzyň ýüregi bolan owadan şäherimiziň gözelliginden doýma ýok. Muňa golaýda şäherimiziň gözel künjeginde düýbi tutulan saglyk maksatly desganyň dabarasynda ýene bir gezek göz ýetirdik.

Paýtagtymyzda 500 orunlyk köpugurly hassahananyň, Daşoguz welaýatynyň Daşoguz şäherinde 400 orunlyk Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş merkeziniň, Ahal welaýatynyň Tejen şäherinde 300 orunlyk köpugurly hassahananyň düýbüniň tutulyş dabaralary Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty işgärleriniň hünär baýramçylygyna uly sowgat boldy. «Adam eli — gyzyl gül» diýlişi ýaly, ýene-de sanlyja ýyllardan şäherimiziň bu künjeginde, welaýatlarymyzda daş-töwerege bezeg berip, halkymyzyň saglygynyň sakasynda durjak täze binalar peýda bolar.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň şanly wakalara beslenýän toýly günlerinde uly ruhubelentlikde bellenilen Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty işgärleriniň gününde ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamynyň ösdürilmegi, kämilleşdirilmegi, ak şäherimiziň gözelleşdirilmegi ugrunda alyp barýan möhüm işleri üçin hormatly Prezidentimize «Türkmenistanyň at gazanan arhitektory» diýen hormatly adyň dakylmagy biziň üçin iň bir şatlykly waka boldy, bu ajaýyp hoş habar hemmeleri begendirdi.

Biziň ähli arzuwlarymyz, geljek baradaky maksatlarymyz owadan şäherimiz Aşgabat bilen bagly. Paýtagtymyzyň her bir raýaty ak şäherimizde ýene-ýene köp özgerişleriň, ösüşleriň gujagynda bolup, oňa guwanmagyň höwesinde ýaşaýar. Saba säherler turup ak daňlara tagzym edip, halk üçin, halkyň ýaşaýşy üçin bitirilýän sogaply işleriň köp bolmagyny arzuw edýäris.

**Gurbanbike BÄŞIMOWA,**
**Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.**



# Sapaly seýilgählere seýran

Türkmenistanyň at gazanan arhitektory Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallasy netijesinde ak şäherimiz Aşgabatda gurulýan medeni-durmuş maksatly ajaýyp binalar, ter güllere, al-ýaşyl baglara bürenip oturan suw çüwdürimli seýilgähler, dünýä ölçeglerine laýyklykda gurlan ýaşaýyş jaý toplumlary özüniň binagärlik sazlaşygy, täsinligi, köpugurly şertleri bilen köpleri haýran galdyrýar. Sanalgyja ýyllaryň dowamynda gözel paýtagtymyz Aşgabatda ençeme seýilgähler gurlup ulanylmaga berildi. Şol gurulýan seýilgählerdäki biri-birinden owadan baglar, dürli reňkdäki ýakymly ysly ter güller bu ýere gelýänleriň şähdini açyp, ruhuny belende göterýär. Mährini bolluk bilen eçilýän güýz günlerinde seýilgählerdäki ýapraklar altynsow reňke öwrülip, owadan keşbi emele getirýär. Dowam edýän şeýle ajaýyp güýz günlerinde şäherimiziň ajaýyp künjeklerini eýeläp oturan «Laçyn», «Şapak», «Ylham» ýaly ençeme seýilgähleriň mähellesi agşamara has-da artýar. Ýurdumyza gelýän myhmanlaryň owadanlykda, tämizlikde deňi-taýy bolmadyk seýilgählerimize seýran edip, bu gözelliklere guwanyp, synlap ýörüşlerini ýygy-ýygydan görmek bolýar.

Gahryman Arkadagymyzyň irginsiz aladalary, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň döredijilik zehini, binagärlik paýhasy bilen gözel paýtagtymyzda döwrebaplaşdyrylan «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň XV ýyllygy» seýilgähi owadan pürli we ýaprakly baglardyr al-elwan güller bilen bezelen. Bu bolsa dynç almaga gelýän adamlara uly ruhubelentlik paýlaýar. Daş-töweregi ak mermerli binalar bilen gurşalan seýilgähiň içinde güýz ýapraklarynyň ygşyldysy, guşlaryň şadyýan jürküldisi bagtyýarlygyň, asudalygyň mukamy bolup eşidilýär. Al-ýaşyl öwsüp oturan ajaýyp seýilgähiň belentliginden syn edeniňde Garaşsyzlyk binasynyň ajaýyp keşbini görmek bolýar. Munuň özi halkymyzyň bagtyýar zamanamyza bolan buýsanjyny has-da goşalandyrýar. Ýerüsti pyýada geçelgeler, welosiped ýodalary, dynç alyş bassyrmalary, suw howuzlary, bassyrmaly awtoduralgalar ýerleşdirilip, öňki durkundan düýpgöter tapawutlandyrylan seýilgäh gülläp ösüşleriň aýdyň subutnamasy bolup durýar.

Türkmen halkyna asuda durmuşda ýaşamaga, halal zähmet çekmäge, medeniýetli dynç almaga giň mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, bolsun!

**Ýeňiş ÝAZLYÝEW,**
**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.**

*Kämil tehnologiýalara daýanyp*

# SAZLAŞYKLY ÖSÜŞLERIŇ ÝALKYMY

Gahryman Arkadagymyzyň nygtaýşy ýaly, bilim we ylym jemgyýeti hemmetaraplaýyn sazlaşykly ösdürmegiň berk binýadydyr. Şundan ugur alnyp, hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzyň ylym-bilim we tehnologik mümkinçilikleriniň ýokarlandyrylmagyna aýratyn ähmiýet berilýär. Giň düşünjeli, çuňňur bilimli, watansöýüji ýaş nesilleri kemala getirmek boýunça tutumly işler durmuşa geçirilýär. Diýarymyzyň ähli künjeklerinde okatmagyň öňdebaryjy usullaryna, kompýuter tehnologiýalaryna esaslanýan döwrebap bilim ojaklary yzygiderli gurlup ulanmaga berilýär. Döredilýän mümkinçilikler ösen aň-düşünjeli, döwrebap tehnologiýalardan baş çykarýan, kämil hünärli, zähmetsöýer, arassa ahlakly, eziz Watanymyza wepaly ýaş nesliň kemala gelmegini üpjün edýär.

Hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllyk şanly baýramynyň toýlanylýan ýylynda ýurdumyzyň her bir güni taryhy wakalara, toý-dabaralara beslenýär. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň ýanaşyk çäklerinde 2 müň orunlyk täze goşmaça okuw binasynyň, 800 orunlyk umumy ýaşaýyş jaýynyň, ýapyk görnüşli sport desgasynyň hem-de aýlawly ýolda monumentiň açylyp ulanmaga berilmegi ýene-de taryhy wakalaryň üstüni ýetirdi. Institutymyzda döwrebap enjamlaşdyrylan okuw, kompýuter otaglary, kitaphana talyplaryň çuň bilim almagyna uly ýardam berýär.

Garaşsyzlyk ýyllarynda ykdysadyýetimiziň möhüm ugry bolan energetika pudagyny ösdürmäge aýratyn üns berilýär. Döwrebap, iň kämil tehnologiýalar esasynda işleýän, dünýäniň öňdebaryjy kompaniýalarynyň öndüren enjamlary oturdylan täze elektrik stansiýalarynyň onlarçasy guruldy. Ozaldan işläp gelýänleriniň durky täzelendi. Ýurdumyzyň ähli ýerinde müňlerçe kilometre uzap gidýän elektrik geçirijiler çekildi. Elektroenergetika pudagynda iri maýa goýumlar özleşdirilip, döwrebap ösdürilýär. Häzirki wagtda ýurdumyzda pudagy ösdürmegiň maksatnamasyna laýyklykda, elektroenergetika senagatynyň kuwwatyny artdyrmak, onuň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak we ulgamyň ähli düzümlerini yzygiderli döwrebaplaşdyrmak boýunça toplumlaýyn işler üstünlikli amala aşyrylýar.

Ýokary okuw mekdebimiziň binalar toplumynyň sanynyň artdyrylmagy geljekde bu ugurda öz kärine ussat hünärmenleri taýýarlamakda täze mümkinçilikleri açýar. Täze okuw binasynda Gün energiýasy, ýel energiýasy, bioenergetika, innowasion akkumulýasiýa tehnologiýalary, robot tehnikasy we emeli aň ýaly ýlymyň ugurlary boýunça hünärleri kämilleşdirmek üçin ähli şertler üpjün edilendir.

Bu binanyň esasy aýratynlyklarynyň biri ýagyş suwuny ýörite niýetlenen howuzlara ýygnap, degişli meýdançanyň çägindäki baglary suwarmak üçin ulanylýanlygydyr. Binanyň üçeginde kuwwatly Gün panelleri oturdylyp, ol ýerde Gün energiýasy elektrik energiýasyna öwrülip, täze binanyň ýyşyklandyrylyşyna sarp edilýär.

Ýurdumyzyň ylym-bilim ulgamyny dünýä derejesine çykarmak, ýaşlarymyzyň sazlaşykly ösmegi, dünýägaraýşynyň giňelmegi üçin ähli şertleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli tutumly işleri hemişe rowaçlyklara beslensin!

**Rahat GAÝBALYÝEW,**
**Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň mugallymy.**

## AKYL SYNAGY

**KESELIGINE: 3.** Dünýäde iň uzyn derýa. **4.** Suwag üçin ýörite edilen palçyk. **6.** Azerbaýjan Respublikasynyň paýtagty. **8.** Daşary ýurtlar bilen resmi aragatnaşyk alyp barmak üçin öz hökümeti tarapyndan başga ýurtda wezipä bellenilýän ygtyýarly wekil. **9.** Sözlerini, sazyny özi düzüp, özi ýerine ýetirýän aýdymçy, bagşy. **11.** Hakykaty goldaýan, adalatly adam. **13.** Perzent, zürýat. **15.** Biologiýada organizmleriň döreýiş şertlerini, nesilden nesle geçiş kanunalaýyklaryny öwrenýän ylym. **17.** Oýnuň düzgünine seredýän adam. **20.** Il, halk, adamlar. **22.** Ýabyň, derýanyň suwunyň bölünip, ikinji bir ýere akdyrylýan ýeri. **24.** Gözi goramak üçin ulanylýan esbap. **25.** Suwuň akan ugry. **26.** Gury sowuk, şatlama aňzak. **28.** Aýlaryň biri. **29.** Ýumşak däl, daş ýaly. **31.** Ylmy, edebi eserleriň jemi. **32.** « ... almak — iňňe bilen guýy gazmak» (atalar sözi). **34.** Gapyny, gulpy açmak, gulplamak üçin demir guraly. **40.** Ekilip hasyly ýygnalýan medeni ösümlikler. **41.** Müsür döwletiniň paýtagty. **42.** Arka, ýeňse. **43.** «El ... ýuwar, iki el birigip — ýüzi» (nakyl). **44.** Küşt maly.

**DIKLIGINE: 1.** Ýurdumyzda süýt önümlerini öndürýän hususy kärhana. **2.** Düwme, sadap. **3.** Ýagty, şöhle, yşyk. **5.** «... gadryn ýortan biler, ýaý gadryn dartan» (nakyl). **7.** Süýji sözüniň garşylykly manysy. **10.** Eliň iç ýüzünde barmaklar bilen birleşen aýtym. **12.** Bedeniň daşky örtügi. **14.** Dagyň göni dik galýan kert ýeri. **15.** Özüňden uly erkek doganyň gelni. **16.** Ýurdumyzyň paýtagty. **18.** Kerepde ýaşaýan zäherli we zähersiz bognaýakly mör-möjek. **19.** Gelin-gyzlaryň ýakymly, mylaýym duýguly kereşmesi, garaýşy. **20.** San. **21.** Insiz uzyn ýaprakly, ýaýraň, çeýe şahaly agaç, söwüt. **22.** «... ýatsa ýaman, syrkaw — gezse» (nakyl). **23.** Deňiz haýwany, läheň. **27.** Adamyň aň ýetiriş we pikirleniş başarnygy. **30.** « ... biş, agzyma düş» (nakyl). **33.** «... başga, höwes başga». (nakyl). **35.** Sanlary hasaplamak üçin ulanylýan, simlere düzülen, tegelejik düwmeli iş esbaby. **36.** Görkezme çalyşmasy. **37.** Ekin ekmek işleri. **38.** Däneli, başy gylçykly ak ekin. **39.** Düýe süýdünden taýýarlanýan içgi.

**Düzen Begsona GARAÝEWA,**
**Türkmen oba hojalyk institutynyň mugallymy.**




**Gazetiň 41-nji sanynda çap edilen akyl synagynyň jogaplary:**

**KESELIGINE: 1.** Alyk. **3.** Ahal. **9.** Dil. **12.** Müçe. **14.** Ak. **18.** Towza. **19.** Oman. **20.** Arka. **21.** Dary.
**DIKLIGINE: 1.** Alym. **2.** Si. **3.** Antenna. **4.** Wodorod. **7.** Garagum. **10.** Gatyk. **11.** Alaka. **13.** Emin. **15.** Kada. **16.** Igde.
**GYTAKLAÝYN: 5.** Seki. **6.** Müji. **8.** Sala. **17.** Aşna.

2025-nji ýylyň 16-njy oktýabry, penşenbe.

*Taryhyň ýaňy*

# Gadymy gymmatlyklar — jadyly älem



**Dürli döwürlere degişli gymmatlyklarda ýüze çykýan maglumatlar arkaly siwilizasiýalar mekany hasaplanýan Türkmenistan bu günki gün gadymy taryhy bilen dünýäni haýran galdyrýar.**

**Nusaý galasy gadymy Parfiýa şalygynyň medeniýetini, sungatyny özünde jemleýän gadymy şäher bolup, gözelligiň şa zenany adyny alan zenan — Rodoguna hem şu ýerde ýaşapdyr. Onuň gözelligi rowaýatlarda, ertekilerde we sungatda ýaşaýar. Nusaý galasyndan Parfiýa döwrüniň ýaşaýşyny we durmuşyny häsiýetlendirýän ençeme arhitektura desgalary tapyldy.**

Gadymy şäheriň özi Täze Nusaýyň harabalyklarynda ýerleşýär. Şäheriň daşyna parfiýalylar döwründe inli gala diwary salnypdyr, olaryň gönüburçly goranyş diňleri bolupdyr. Günorta böleginde gala diwarlary bilen daşy aýlanan belent içki gala ýerleşýär. Içki galada diwanhanalar, döwletiň däne ammarlary, begzadalaryň ýaşan jaýlary ýerleşipdir. Begzadalaryň ýaşan mähelleleri, köplenç, hut şäheriň öz çäklerinde ýerleşipdir. Onuň demirgazyk-günbatar böleginde, gala diwarlarynyň ýakynynda dini merkez ýerleşipdir. B.e.öň III-II asyrda bu ýerde owadan ybadathana salnypdyr, onuň daşy sütünli eýwanlar bilen gurşalypdyr, b.e.öň I asyrda bolsa bu ýerde uly gonamçylyklar emele gelip başlapdyr. Ilatyň gurpsyz gatlaklarynyň ýaşaýan jaýlary şäheriň demirgazyk böleginde ýerleşipdir. Ol jaýlaryň diwarlary laýdan salnypdyr, jaýyň ýeri palçyk bilen şirelenipdir. Bu ajaýyp galanyň maglumatlary ady dünýäniň çar künjüne ýaýran Parfiýa şalygynyň şan-şöhratyndan habar berýär. Mermer paýtagtymyzyň bu şäheriň golaýynda bolmagy bolsa, Aşgabadyň arhitektura aýratynlygy bilen bir hatarda, onuň Beýik Ýüpek ýolunyň ugrunda ýerleşen gadymy we şöhratly mekandygyny subut edýär.

Ýadygärlikleriň birnäçesi bilen tanyş bolanymyzda, olaryň diwary palçykdan edilip, bezeg plitalary bolsa daşdan ýasalypdyr. Binagärlik gurluşygynda detallar daşdan, ýagny bişen toýundan bolupdyr.

Aşgabadyň birnäçe kilometr gündogarynda beýik baýryň üstünde gadymy Seýit Jemaleddin metjidiniň galyndylary bar. Bu ýadygärlik XV asyra degişli bolup, dört desgadan — metjitden, onuň öňündäki kümmetiň üstündäki binadan hem-de beýik gümmezli iki sany jaýdan ybaratdyr. Binanyň girelgesiniň mozaika bölekleri muzeý ekspozisiýasynda diwara berkidilip, giňden beýan edilip görkezilýär. Bişen kerpiçden bina edilen metjit keramiki mozaika we syrça bilen kemsiz bezelipdir. Belent girelgesinde inli, depesi çowly arkasy bolan metjidiň gapysy howlynyň içine tarap açylýar eken. Metjidiň nagyş suratlary irki döwür keramika nagyşlary, haly sungatynyň nagyşlary bilen häsiýetlenýär. Metjidiň ýüzi täsin aždarhalaryň şekilleri bilen bezelipdir.

Gadymy taryhy ýadygärliklerimizi öwrenmäge, olary dünýä ýaýmaga döredip berýän mümkinçilikleri üçin Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, işleri rowaç bolsun!

**Suraý MUHAMMEDOWA,**
**Aşgabat şäherindäki 76-njy ýöriteleşdirilen orta mekdebiň mugallymy.**

## Ykbalyň bagt ýyldyzy hemmelere miýesser etsin!

**Hamal (guzy 21. 03-20. 04)**

Geljek hepdede hamallar wagtlarynyň agramly bölegini maşgala meselelerine sarp etmeli bolarlar. Ýüze çykýan wakalar siziň meseleleriňiziň çözgüdi bolup biler. Şol sebäpli dörejek ýagdaýlary ünsli seljeriň. Munuň size köp ýagdaýda kömek etjekdigini unutmaň.

**Sowur (öküzçe 21. 04-20. 05)**

Öňümizdäki hepdede işlerini aňsatlyk bilen ýola goýmak isleýän sowurlaryň wagtyny we serişdesini şärikli işlere, toparlaýyn meýilnamalara gönükdirmek islegi güýçli bolar. Ýöne ätiýaçly hereketiň hiç wagt artykmaçlyk etmeýändigini unutmaň we işleriňize köptaraply çemeleşiň.

**Jöwza (ekizekler 21. 05-21. 06)**

Geljek hepdede özlerini has işjeň duýýan jöwzalar, öňkülere garanyňda, öndürijilikli zähmet çekerler. Boş wagtlaryňyzy täze tejribe edinmäge sarp edip bilersiňiz. Hepdäniň dowamynda maddy ýagdaýlaryňyzy gowulandyrjak birnäçe üýtgeşmeleriň ýüze çykmagy mümkin.

**Seretan (leňňeç 22. 06-22. 07)**

Öňümizdäki hepdede eger ünslerini zerur işlerde jemlemegi başarsalar, öz pikir edişlerinden has köp zatlara ukyplydygyna seretanlar nobatdaky gezek göz ýetirerler. Bu döwürde başgalara bolan tankydy garaýyşlaryňyz biraz artar. Duýgularyňyzy gözegçilikde saklaň we köp işleriňizde munuň möhümdigini unutmaň.

**Eset (ýolbars 23. 07-23. 08)**

Geljek hepdede esetler maddy meseleler babatda çaltlyk bilen netije çykaryp, hereket etmeli bolarlar. Bu siziň meýilnamalaryňyzyň pul bilen baglanyşykly tarapyny çözmäge oňyn täsir eder. Täzeçil garaýyşlar we iş teklipleri ünsüňizi çekip biler.

**Sünbüle (gyz 24. 08-23. 09)**

Islendik meselede sabyrly hereket edýän sünbüleler öňümizdäki hepdäni asuda geçirerler. Kiçi göwrümli işleriňizi birýüzli etmek, güýmenje hökmünde garaýan endikleriňiz bilen meşgullanmak dynjyňyzy almaga we pikirleriňizi jemlemäge ýardam berer.

**Mizan (terezi 24. 09-23. 10)**

Öňümizdäki hepde mizanlaryň ähli işlerinde kesgitli we ynamly hereket edýän döwri bolar. Käbir meseleleriňiziň çözgüdi biraz gijigip biler. Ýöne munuň üçin birahatlanmaň. Siz meýilnamalaryňyzy gerekli ugra gönükdiriň, galan zatlaryň ählisini wagta goýuň.

**Akrap (içýan 24. 10-22. 11)**

Hernäçe arkaýynlykda iş ýöretmäge synanyşsalar hem, öňümizdäki hepdede akraplar köp meýilleri babatda gyssanmaly bolarlar. Aýratyn hem, möhleti belli bir ýere çenli niýetlenen maksatlaryňyz sizi howlukmaç karara gelmäge iterer. Siziň üçin ýeke-täk dogry çözgüt töweregiňizdäkiler bilen düşünişip işleşmekdir.

**Kowus (keman 23. 11-21. 12)**

Geljek hepde kowuslaryň durmuşynda adaty günler dowam eder. Tamamlanman galan ownuk işler, maşgala meseleleri siziň esasy meýilnamaňyz bolar. Maddy ýagdaýlaryňyzyň oňatlyga tarap özgerýändigini bilmek sizi kanagatlandyrýar. Asuda geçjek hepde size garaşýar.




**Jedi (owlak 22. 12-20. 01)**

Hemişe başagaý jediler geljek hepdede-de iş we maşgala durmuşynyň arasyndaky sazlaşygy ýola goýmaga köp wagt sarp ederler. Çünki meýilnamalaryňyzyň ählisini iş ýa-da şahsy meseleleriňize dolulygyna gönükdirmek siziň garaýyşlaryňyza gabat gelmeýär. Şunlukda, hepdäniň ähli hysyrdysy ýene siziň jogapkärçiligiňizde.

**Daluw (gowa 21. 01-20. 02)**

Geljek hepde daluwlar üçin iň möhüm üstünlik goşmaça gazanç çeşmeleri bolar. Siz munuň üçin köp zähmet çekdiňiz. Işleriňiziň oňyn netijesi sizi kanagatlandyrsa-da, birbada artykmaç hereketleriňiz köpeler. Işleriňiziň ugrugýan wagtynda eliňizden gelenini ediň.

**Hut (balyk 21. 02-20. 03)**

Köplenç, maddy meseleleriň jogapkärçiliginden gaça durýan hutlar geljek hepdede bu endiklerini üýtgetmeli bolarlar. Alyp barýan işleriňiz üçin maýa goýumlar, şärikdeşler üçin ylalaşyklar, soňy çykdaja syrygýan meýilnamalar sizi ikirjiňlendirip biler. Biraz artykmaç zähmet çekmäge taýýarlykly boluň. Ahyrynda oňat netijeler alarsyňyz.

**Janyňyz sag, işleriňiz ugruna bolsun!**



## Paýtagtymyzyň zynaty

Şu ýylyň 13-nji sentýabrynda ak mermerli paýtagtymyzyň gözel künjeginde Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllyk baýramçylygy mynasybetli döwrebaplaşdyrylan «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň XV ýyllygy» seýilgähi açylyp ulanylmaga berildi. Ýerüsti pyýada geçelgeler, welosiped ýodalary, dynç alyş bassyrmalary, suw howuzlary, döwrebap awtoduralgalar gurlup önki durkundan düýpgöter tapawutlandyrylan seýilgähe guşuçar belentlikden syn edeniňde, Garaşsyzlyk binasynyň ajaýyp keşbi şöhlelenýär.



## Meşhurlygyň mesgeni

Türkiýäniň günbatar böleginde Balykesir welaýatynda ýerleşýän «Kazdagy milli parky» 1993-nji ýylda açylyp ulanylmaga berildi. Takmynan, 21,5 gektara golaý bolan «Kazdagy milli parky» Türkiýäniň iň meşhur seýilgählerinin biridir. Halk arasynda bu seýilgäh «Ygtyýar adasy» diýlip hem tanalýar. Bu seýilgäh daglyk sebiti, baý tebigaty, arassa howasy we dürli görnüşli ösümlikleri bilen meşhurdyr.



## Milliligiň merkezi

Dünýäniň iň gadymy we meşhur milli seýilgählerinin biri bolan «Banff milli parky» Kanada döwletiniň Alberta welaýatynda ýerleşýär. 1885-nji ýylda döredilen bu seýilgäh diňe bir Kanadanyň däl, eýsem, tutuş dünýäniň tebigy gözelligini we baý ekologik gurşawyny goramak üçin döredilen ilkinji milli seýilgähleriň biridir. «Banff milli parky» Kanadanyň meşhur Käri daglarynyň (Rocky Mountains) eteginde ýerleşýär. Bu ýer ýokary dag gerişleri, buzluklar, dury köller, tokaýlar we derýalar bilen bezelendir.

**Internet maglumatlary esasynda taýýarlan**
**Şamaral GARAÝEWA,**
**Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň talyby.**

Aşgabat

ESASLANDYRYJYSY– AŞGABAT ŞÄHERINIŇ HÄKIMLIGI

Baş redaktor Annamyrat MÄMMEDOW

Biziň salgymyz: 744004, Aşgabat şäheri, Garaşsyzlyk şaýoly-100, Türkmenbaşynyň erkin döredijilik mekany. «AŞGABAT» gazetiniň redaksiýasy.

Elektron salgysy: asgabat-gazeti@sanly. tm

Telefonlarymyz:
Kabulhana — 38-62-24.
Jogapkär kätip — 39-96-24.
Bölümler: 39-96-34, 39-96-25, 39-96-23, 39-95-19.
Gazet Hojalyk hasaplaşygyndaky redaksion birleşigiň Kompýuter merkezinde taýýarlanyldy. Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi.
Bildirişleriň mazmunyna onuň eýesi jogap berýär.

QR kod arkaly gazeti elektron görnüşde okap bilersiňiz.

Gazet hepdäniň penşenbe güni çykýar.
GAZETIŇ BELGISI 69490.
Ölçegi A-3, möçberi 8 sahypa.
A-117316. Nusgasy 7600 sany.

Bahasy 30 teňňe.

Redaksiýa gelen golýazmalar yzyna gaýtarylmaýar, olara jogap we syn berilmeýär. Gazetiň çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 39-95-36.